# Şarlawuk

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Şarlawuk

ŞARLAWUK

Sypalap ýedi gat ýeriň gaýmagyn,
Ýedi gat gaýanyň üstünden aşyp,
Yranyp dur,
Tolkunyp dur,
Akyp dur…
Şarlawuk,
bir perişan zülpüň bendinden,
Çözülen deý
Ogryn önen  hyjuwdan,
Goja dagyň bulaklaryn goçup dur.

Kümüş suwa garyp
Daragnyň daşyn,
Ýarynyň zülpüni daraýar daglar.
Göýä leýlisaçlaň  ýapragyn ýelpäp,
Alys-da birini garaýar daglar.

Bu daglaryň gatlaryna
Tabşyryp,dolandym men
Içimdäki hasratym.
Hem tabşyrdym syrlarymy bulaga
Söýgiden püre-pür
Bir bukja hatym.

Eý şarlawuk!
Çöz sen zülpüň taryny,
Hol tolkunup akyp barýan
 Çeşmeden .
Bir tolkunly  jogap ýazdym ýaňadan
Söýgilerden  purken

Kalby teşneden.

Darap otyr
Zülplerini şarlawuk …
Akyp barýar çeşmelerden, bulakdan
Ýene bir hat, ýene müň hat
Gaýtadan
Joşup çykýar
Heniz aşyk ýürekden.

Gapur HOJA.

Goşgular